# Türkmen rysgy köp bolsun

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Türkmen rysgy köp bolsun TÜRKMEN RYSGY KÖP BOLSUN



*Kursdaşym, häzir halypa mugallym Satybaldy Geldiýewiň gyzy Oguldöndiniň bagt-durmuş toýunda okalan goşgy. Meniň bu şygrym durmuşa çykýan türkmen gyzlarymyza edýän ak arzuwymdyr:*

Gyzym, saňa arzuwym:
Elmydam bagt ýar bolsun.
Barýan ýeriň öýüňdir,
Münen atyň gyr bolsun.

Dogsa, ak balaň ady,
Ýatmaz sallançak bady,
Ýakmasyn durmuş ody,
Bagtyň akja gar bolsun.

Är-aýal bir ten, bir jan,

Kynçylyga bermäň ýan,
Çagaňyzam bolsun on,
Miwäň alma-nar bolsun.

Ýaşaň, bileje goşa,
Ýetiň, bagtly ýüz ýaşa,
Gitsin, derdiňiz daşa,
Ähli bela dep bolsun.
Türkmen rysgy köp bolsun!!

9.06.2024 ý. Goşgular